DEMOKRATIÝA WE HUKUK
DEMOCRACY AND LAW
ДЕМОКРАТИЯ И ПРАВО

4

2023

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISINDÄKI ÇYKYŞY

(2023-nji ýylyň11-nji dekabry)

Hormatly mejlise gatnaşyjylar!

Hormatly ilçiler!

Däp bolşy ýaly, biz Täze ýylyň öňýanynda daşary syýasat ulgamynda ýerine ýetirilen işleriň jemini jemlemek, geljekdeöňdeduranwezipelerikesgitlemek üçin duşuşýarys. Bu işlerde Garaşsyz Döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan hem-de“ Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunny 2022—2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda” öňdegoýlan wezipelerden ugur alýarys.

2023-njiý ylyň hem ýurdumyz üçin daşary syýasatda üstünlikli bolandygyny bellemek isleýärin. Şu ýylyň dowamyndaTürkmenistan ählumumy parahatçylygy,durnuklylygy,howpsuzlygy üpjünetmek, halkara ykdysady we söwda hyzmatdaşlygyny ösdürmek, dünýä döwletleri bilen medeniýet, ylym, bilim, sport ulgamlarynda gatnaşyklary giňeltmek boýunça yzygiderli işleri geçirdi. Parlamentara gatnaşyklaryň gerimi giňäp,mazmuny baýlaşdy.

Türkmenistan Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmek boýunça zerur tagallalary edýär. Şunuň bilen birlikde, energiýa howpsuzlygy, durnukly ulag ulgamy, howanyň üýtgemegi we beýleki ugurlar boýunça hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýär. Ýurdumyzyň edýän tagallalary dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalar tarapyndan giňden goldanylýar. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça şu ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda biragyzdan kabul edilen «BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny», «Bütin dünýä durnukly ulag güni» atly Kararnamalar muny aýdyň tassyklaýar. Şeýle hem biziň ýurdumyz dört sany dürli halkara guramanyň düzümine saýlanyldy.

Türkmen halkynyň taryhy – medeni mirasyny dünýäde wagyz etmek maksady bilen, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy bilen ulgamlaýyn esasda hyzmatdaşlyk edýär. Netijede, Türkmenistanyň ÝUNESKO - nyň garamagyna hödürlän «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» atly milli hödürnamasy bu guramanyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Şeýle hem Türkmenistanyň Özbegistan we Täjigistan Respublikalary bilen bilelikde ÝUNESKO – nyň garamagyna hödürlän «Beýik Ýüpek ýoly: Zarawşan — Garagum geçelgesi» hem – de Gazagystan we Özbegistan Respublikalary bilen hödürlän «Aram guşaklykdaky Turan çölleri» atly köptaraplaýyn hödürnamalary bu guramanyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşuldy. Hormatly Arkadagymyzyň başlangyjy bilen Aşgabat şäheri «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO – nyň döredijilik şäherleriniň toruna girizildi.

Hormatly mejlise gatnaşyjylar!

Häzirki wagtda howanyň üýtgemeginiň öňüni almak meselesi ähli umumy häsiýete eýe bolupdurýar. Onuň täsirlerine garşy göreşmekde dünýäniň ähli ýurtlarynyň tagallalaryny birleşdirmek zerurdyr. Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň Birleşen Arap Emirliklerиniň Dubaý şäherinde geçirilen 28 – nji maslahatynyň

işine Türkmenistanyň gatnaşmagy möhüm waka boldy. Bu maslahatda biziň ýurdumyz Ählumumy metan borçnamasyna goşulýandygyny yglanetdi. Bu çözgüt geljekde Türkmenistanyň halkara guramalar, hyzmatdaş döwletler we ýöriteleşdirilen institutlar Bilen hyzmatdaşlygyny kesgitlär. Metan zyňyndy Gazlaryny azaltmak boýunça ýurdumyzyň pudagara toparyna Ählumumy metan borçnamasyndan gelip çykýan şertleriýerine ýetirmek boýunça işleriň meýilnamasyny düzmegi tabşyrýaryn.

Şeýle hem Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek baradaky başlangyjynyň syýasy – diplomatik taýdan işjeňleşdirilmegi zerurdyr. Bu ugurda ilkinji uly ädim ädildi. Howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalary Türkmenistanda we Merkezi Aziýa döwletlerinde ornaşdyrmaga gönükdirilen sebit maksatnamalaryny işläp düzmeküçin şu ýylyň 13 – nji noýabrynda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi. Ýurdumyzda Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi

bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini açmak üçin Birleşen Milletler Guramasy we hyzmatdaş ýurtlar bilen işleri dowam etdirmeli.

Hormatly adamlar!

Türkmenistan parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmek boýunça syýasy – diplomatic tagallalara işjeň gatnaşmagy maksat edinýär. Muny Bitarap döwletimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň ýörelgeleri we halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalary esasynda Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläpdüzmek mümkinçiligini ara alyp maslahatlaşmak baradaky teklibi aýdyň tassyklaýar. Bu babatda dünýä ösüşiniň meýilleri hem – de häzirki döwrüň möhüm ýagdaýlary nazara alynmalydyr. Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp düzmek maksady bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň başlangyç toparyny döretmek boýunça Daşary işler ministrligine ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn derejede bu işlere başlamagy tabşyrýaryn.

Hormatly mejlise gatnaşyjylar!

Türkmenistanyň «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly ählumumy başlangyjyna yzygiderli eýermeli we ony tutanýerli öňe sürmeli. Wagt munuň dogrudygyny we esaslydygyny görkezdi. Ony Türkmenistanyň döwlet aragatnaşyklarda dialog medeniýetini ykrar etmäge gönükdirilen tagallalary hem tassyklaýar. Biziň ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasy bilen strategik hyzmatdaşlygy dowam etdirer. Biz bu guramanyň Tertipnamasynyň düzgünlerine we ykrar edilen halkara hukuk kadalaryna berk eýereris. Aýratyn - da, döwletara dialog üçin esas hökmünde Milletler Bileleşiginiň ornuny dikeltmek hem – de berkitmek işlerini alyp bararys.

Hormatly mejlise gatnaşyjylar!

Bitarap döwletimiziň daşary syýasatynyň strategik maksady üýtgewsiz bolmagynda galýar. Munuň özi içerki ösüşi gazanmak üçin amatly halkara şertleri üpjün etmekden ybaratdyr. Türkmenistan dünýä döwletleri bilen deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek ugrunda yzygiderli çykyş edýär. Ýakyn goňşy ýurtlar bilen sazlaşykly hyzmatdaşlygy alyp barmak döwletimiziň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir.

Biziň ýurdumyz sebitde, ilkinji nobatda, goňşy döwletler bilen özara gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagyna aýratyn üns berer. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan Merkezi Aziýa döwletleri bilen dost - doganlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk – de ösdürer. Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklarynda we sebit hyzmatdaşlygynyň beýleki görnüşlerinde gazanylýan möhüm ylalaşyklary hem-de çözgütleri takyk ýerine ýetirmek üçin biz zerur işleri geçirmelidiris. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Baştutanlary şu ýyl geçirilen gepleşikleriň dowamynda ýakyn hyzmatdaşlar hökmünde esasy meseleleri çözmekde tagallalary birleşdirmäge taýýardyklaryny tassykladylar. Bu meseleler sebiti ösdürmekden, söwda – ykdysady we ynsanperwer gatnaşyklary berkitmekden, ekologik howplara garşy göreşmekden ybaratdyr.

Hormatly mejlise gatnaşyjylar!

Hazarýaka döwletleriň Aşgabatda geçirilen altynjy sammitinde gazanylan ylalaşyklary doly ýerine ýetirmek üçin hyzmatdaş ýurtlar bilen netijeli işleri alyp barmaly. Şeýle hem Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýa laýyklykda, bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek

boýunça degişli işleri geçirmeli.

Türkmenistan Aziýa — Ýuwaş umman sebitiniň döwletleri bilen syýasy we söwda – ykdysady gatnaşyklary yzygiderli pugtalandyrar. Biz Aziýadan Ýewropa multimodal üstaşyr ulag geçelgesiniň bölegi bolan «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek» strategiýasyny amala aşyrmagyň üstünde-de degişli işleri ýerine ýetirmeli. Ýaňy - ýakynda «Bir guşak, bir ýol» halkara hyzmatdaşlygynyň üçünji forumynyň ýokary derejeli maslahatynda biziň ýurdumyz Hytaýdan Merkezi Aziýanyň üsti bilen Hazar deňziniň türkmen kenaryna, şeýle hem Eýrana, Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlaryna ulag geçelgesiniň taslamasyny teklipetdi. Bu taslama boýunça ylalaşyklary gazanmak üçin ähli gyzyklanýan taraplar bilen anyk we maksada gönükdirilen dialogy ýola goýmaly.

Biziň ýurdumyzy Ýewropa döwletleri bilen energetika, ulag, tehnologiýalar we ençeme beýleki ugurlar boýunça geljegi uly meýilnamalar hem – de maksatnamalar baglanyşdyrýar. Bu meýilnamalardyr maksatnamalara anyk many – mazmun bermeli.

Orta Gündogar ýurtlary Türkmenistanyň öňden gelýän möhüm hyzmatdaşlarydyr. Bu ýurtlar bilen bizi diňe çuň taryhy gatnaşyklar däl-de, häzirki ösüşiň oňyn mümkinçilikleri hem birleşdirýär. Şunuň bilen baglylykda, biziň ýurtlarymyzyň Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynda alyp barýan işlerini güýçlendirmegiň aýratyn ähmiýetiniň bardygyny bellemek isleýärin. Şoňa göräde, biz bu gurama girýän döwletler bilen ykdysady, energetika, ulag we aragatnaşyk ulgamlarynda ysnyşykly hyzmatdaşlygy dowam etdirmeli.

Soňky ýyllarda Türkmenistanyň arap dünýäsiniň döwletleri bilen gatnaşyklary has – da ösdürildi. Bu hyzmatdaşlygymyzy täze «Merkezi Aziýa — aýlagdaky Arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşi» görnüşiniň çäklerinde – de pugtalandyrmaly. Bular geljegi örän uly bolan ugurlardyr. Şoňa görä - de, şeýle hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan taraplaryna üns bermeli.

Biz Demirgazyk we Günorta Amerikanyň, Afrika yklymynyň döwletleri bilen hem gatnaşyklarymyzy yzygiderli ösdüreris. Şol ugurlaryň hatarynda Birleşen Milletler Guramasynda we beýleki halkara düzümlerde syýasy – diplomatik hyzmatdaşlygy bellemek isleýärin. Munuň özi howpsuzlyk, şol sanda azyk we ekologik meseleleri, zenanlaryň hukuklaryny üpjün etmegi, halkara söwdada ösýän ýurtlaryň kanuny hukuklaryny hem – de bähbitlerini goramagy öz içine alýar. Ykdysady ulgamda hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin hem giň mümkinçilikler bar.

Halkara hyzmatdaşlykda parlamentara gatnaşyklara – da aýratyn üns bermeli. Soňky ýyllar – da Türkmenistan parlament wekilleriniň gatnaşmagynda birnäçe iri forumlary geçirmegi öňe sürdi we olaryň guramaçysy boldy. Biz bu işi dowam etdireris. Şunuň bilen baglylykda, Daşary işler ministrligi parlament gatnaşyklaryna işiň aýratyn ugry hökmünde garamaly we Türkmenistanyň Mejlisi bilen bilelikde geljegi uly halkara çäreleriň meýilnamasyny işläp taýýarlamaly.

Hormatly adamlar!

Görşüňiz ýaly, geljekde köp işleri ýerine ýetirmeli. Halkara giňişlikde Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň bähbitlerini goramakda siziň uly işleri alyp barjakdygyňyza berk ynanýaryn.

ILAT GAZNASY WE ÖSÜŞ BOÝUNÇA HALKARA MASLAHATYŇ 30 ÝYLLYGY

Aýna SEÝITLIÝEWA
ÝUNFPA-nyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň başlygy

Ilat Gaznasy we Ösüş boýunça Halkara maslahatyň (IGÖHM) 30 ýyllygy 2024-nji ýylda Ilat Gaznasy we Ösüş boýunça komissiýanyň 57-nji mejlisiniň çäklerinde belleniler. IGÖHM-niň 30 ýyllygy – bu reproduktiw saglyk we reproduktiw hukuklar babatda ösüşiň gazanylmagynda ähmiýetli sepgitdir. Ösüş bolsa biziň ymtylýan dünýämizi aýdyň görmegimizi talap edýär.

Maşgalany howpsuz, erkin meýilleşdirmäge bolan mümkinçilik adamyň hukuklarynyň biri bolup durýar hem-de gender deňligini üpjün etmek-de we her bir adamyň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmekde esasy orny eýeleýär.

1994-nji ýylda Kairde 179 hökümetiň wekilleri Ilat Gaznasy we Ösüş boýunça Halkara maslahatyna ýygnandylar hem-de IGÖHM-niň Hereketler maksatnamasyny kabul etdiler. Onda ilatyň, ösüşiň, her bir adamyň hukuklarynyň we abadançylygynyň arasyndaky özara baglanyşyga bolan garaýyş beýan edildi. IGÖHM-niň Hereketler maksatnamasynda bellenilişi ýaly, ilat – bu diňe sanlar däl, abadançylyk we durnukly ösüş üçin bolsa, her bir adamyň reproduktiw saglygynyň we hukuklarynyň orny ykrar edilýär.

Häzir Hereketler maksatnamasynda kesgitlenen wezipeler abadan geljegi üpjün etmekde reproduktiw saglygyň we hukuklaryň ornuny takyk ykrar edýär hem-de aýallaryň we gyzlaryň reproduktiw saglyga degişli bolan esasly çözgütleri kabul etmäge gatnaşmagyna degişli bolan anyk görkezijileri öz içine alýar [1].

IGÖHM - niň Hereketler maksatnamasy dünýä jemgyýetçiligini birleşdirdi we ilatyň ösüşine jogap hökmünde täze ylalaşygy beýan edýär. Ilat sanynyň ösüşiniň maksatly görkezijileri adamyň hukuklarynyň we mertebesiniň hem aýdyň şöhlelenmesidir. Şeýle hem hökümetler bu hukuklaryň global ösüş üçin zerurdygyny ykrar etdiler.

IGÖHM reproduktiw saglygy üpjün etmegiň hem-de zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmegiň her bir ýurduň we jemgyýetiň borjy bolup durýandygyny ýene bir gezek tassyklaýar. Munuň şeýledigini biz ilaty 8 milliard adama ýeten dünýäde nygtaýarys.

Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasy we Ösüş boýunça Maslahaty birnäçe sebäplere görä rewolýusion häsiýete eýe boldy:

Ilatyň ösüşine gözegçilik etmekden şahsyýetiň hukuklaryny goramaga geçmek: IGÖHM çemeleşmede ep-esli öňe gidendigini aňladyp, ilatyň ösüşi boýunça meselelere diňe ilatyň sanynyň artmagy bilen bagly garalmaly däldigini ykrar etdi. Ol adam hukuklaryny berjaý etmegiň möhümdigini belledi.

1. Şol sanda reproduktiw hukuklary hem-de öz bedeniň we reproduksiýa hakynda maglumatly çözgütleri kabul etmek hukugy. Bu ilerleme adamlara

sagdyn we bagtyýar durmuşda ýaşamak mümkinçiligini bermek üçin olaryň ösüş boýunça tagallalaryň merkezinde bolmalydygyny ykrar etdi.

2. Reproduktiw saglyga toplumlaýyn çemeleşme: IGÖHM reproduktiw saglygyň umumy abadançylygyň fundamental aspekti bolup duryandygyny ykrar etdi. Ol reproduktiw saglyk, şol sanda maşgala gurmaga, ýokanç keselleriň öňüni almaga, enäniň saglygyny goramaga we bejermäge mümkinçilik babatda hemmetaraplaýyn hyzmatlaryň edilmegine çagyrdy. Bu toplumlaýyn çemeleşme adamlaryň saglygyny berkitmek we abadançylyga ýetmek hukuklarynyň berjaý edilmeginde olaryň dürli hajatlaryna dogry gelýär.

3.Gender deňligi we zenanlaryň mümkinçiliklerini berkitmek: IGÖHM gender deňligine aýratyn üns berýär. Ol gender kemsitmelerini we zorlugy ýeňmegiň, zenanlaryň hukuklaryny goramagyň we olar üçin bilim almaga, saglygyny goramaga we ykdysady mümkinçiliklere elýeterliligi üpjün etmegiň möhümdigini belleýär. Maslahat gender deňliginiň gazanylmagynyň diňe adam hukuklarynyň meselesi däl-de, eýsem durnukly ösüş we sosial ilerleme üçin zerur bolup duryandygyny ykrar edýär. IGÖHM Hökümetleri zenanlar, çagalar we ýetginjekler babatda ekspluatirlemegiň, zorlugyň ähli görnüşlerini ýok etmek üçin hyzmatlaryň doly spektrini kabul etmäge çagyrýar.

Ýigrimi bäş ýyl geçenden soň, 2019-njy ýylyň noýabrynda Keniýanyň Naýrobi şäherinde Kair maslahatynyň 25 ýyllygyny baýram etmek hem-de 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş babatda BMG-niň Maksatlaryna ýetmäge ýardam etjek ösüşe baha bermek üçin IGÖHM+25 hökmünde tanalýan Sammit geçirildi [2]. Naýrobide geçirilen bu sammitde dünýäde demografik dürlüligiň artýandygy hem-de reproduktiw saglygyň we hukuklaryň saglygy goraýyş ulgamynyň hyzmatlary bilen ählumumy gurşalmagynyň aýrylmaz bölegi bolup duryandygy ykrar edildi (Nairobi Summit, 2019). Durnukly Ösüşiň Maksatlary global ösüşiň möhüm hereketlendiriji güýçler hökmünde aýal-gyzlaryň reproduktiw hukuklaryna hem-de olaryň hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň giňeldilmegine hem baha berýärler.

Naýrobide Türkmenistan IGÖHM+25-iň Gün tertibiniň ýerine ýetirilmegini çaltlandyrmak boýunça meýilleriniň bardygyny mälim etdi. Olar saglygy goraýyş ulgamynyň hyzmatlarynyň köpugurly gurşawynyň bir bölegi hökmünde reproduktiw saglyk babatda hyzmatlara uniwersal elýeterliligiň üpjün edilmegini, hususan-da, maşgala gurmakda hajatlary kanagatlandyrmak arkaly üpjün edilmegini öz içine alýar.

Türkmenistan girdejisi “ortaçadan ýokary” bolan ýurduň derejesini alandan soň, Türkmenistanyň Hökümeti 2017-nji ýyldan bäri töwekgelçilik toparyndaky zenanlaryň hajatlaryny kanagatlandyrmak maksady bilen kontraseptiw (gorag) serişdelerini satyn alýar.

Tutuş ýurt boýunça döredilen 95 sany reproduktiw saglyk otaglarynda maşgala gurmak boýunça hyzmatlar edilýär, emma hyzmatlaryň elýeterliligi we hili gyradeň däl, bu aýratyn-da, maýyplygy bolan zenanlar hem-de oba ýaşlary babatda şeýle.

Naýrobide geçirilen maslahatyň dowamynda Türkmenistan 1994-nji ýyldan bäri gazanylan ösüşi belläp hem-de reproduktiw saglyga we eneligi goramagyň hilini gowulandyrmaga; ýetginjekler üçin reproduktiw saglyk barada

hemmetaraplaýyn bilimi we maglumatlary artdyrmaga; gender deňligini ilerletmäge hem-de gender zorlugynyň öňüni almak boýunça çäreleriň görülmegine; ykdysady ösüşi höweslendirmek we durnukly ösüşi gazanmak üçin ygtybarly maglumatlary peýdalanmaga ählumumy elýeterliligi üpjün etmek boýunça borçnamalary üstüne almak bilen öz syýasy taýýarlygyny pugtalandyrdy;

Türkmenistanda Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat gaznasy ýurt boýunça täze maksatnamasynyň çäklerinde reproduktiw saglygy, eneleriň, täze doglan bäbekleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramagyň 2021-2025-nji ýyllar üçin hereketler meýilnamasy bolan milli maksatnamany amala aşyrmakda Hökümete goldaw berýär.

Şeýle hem UNFPA has ejiz sarp edijileriň hajatlaryny goramak maksady bilen reproduktiw saglygy goraýjy serişdeleri satyn almak üçin döwlet býujetine aýratyn maddanyň girizilmegini hem-de umumy bazar çemeleşmesiniň ulanylmagyny ilerledýär.

Häzir biziň dünýämiz Ýer ýüzünde ähli adamlaryň durmuş bähbitlerine degişli bolan hem-de ençeme ugurlary gurşap alýan töwekgelçiliklere duçar bolýar.

BMG-niň Baş sekretary jenap Antonio Guterreş mega trendleriň bäşisini kesgitledi: Howanyň üýtgemegi; Demografik özgerişlikler; Urbanizasiýa; Sanly tehnologiýalaryň peýda bolmagy; Gyradeňsizlik.

Sanalan mega trendler biziň işleýän, bilim alýan we ýaşaýan şertlerimizi üýtgetdi. Köpelmek meýli reproduktiw çözgütleri kabul etmegiň çylşyrymlylygy zerarly öwrenmek we ölçemek üçin müşgül ugur bolup durýar. Döretmek seýrek halatda çäksiz saýlamak meselesi bolup durýar. Hat-da hukuklaryň bozulmaýan ýerinde, has oňaýly ýagdaýlarda hem reproduktiw çözgütleri kabul etmek daşarky ýagdaýlaryň we içerki gapma-garşylyklaryň ençemesi bilen çylşyrymlaşýar [3].

Reproduktiw hukuklar IGÖHM-niň Hereketler maksatnamasynda jikme-jik we doly beýan edildi: “Her bir adamyň beden we ruhy taýdan saglygyň aňrybaş derejesine hukugy bardyr. Döwletleriň saglygy goraýyş hyzmatlarynyň, şol sanda maşgala gurmagy öz içine alýan reproduktiw saglyk bilen bagly bolan hyzmatlaryň ählumumy eleýterliligi üpjün etmekde erkekleriň we aýallaryň deňligi esasynda degişli çäreleri görmegi gerek. Reproduktiw saglygy goramak maksatnamalary mejbur etmegiň haýsydyr bir görnüşini ulanmazdan hyzmatlaryň giň toparyny hödürlemelidr. Ähli jübütleriň we aýry-aýry adamlaryň öz çagalarynyň sanyny we olaryň ýaş aralygyny erkin we jogapkärli kesgitlemäge, şeýle hem munuň üçin maglumat, bilim we serişde almaga hukuklary bardyr” [4].

BMG-niň Baş sekretary demografik özgerişleri biçak uly meýilleriň bäşisiniň biri hökmünde kesgitledi, sebabi ähli ýurtlar ol ýa-da beýleki ýagdaýda demografik özgerişleri başdan geçirýär: Ýeriň bir böleginde ilatyň artmagy we beýleki böleginde ilatyň gartaşmagy we azalmagy, şeýle hem migrasiýa we urbanizasiýa ýagdaýlarynyň tizleşmegi, çaga dogluşynyň peselmegi göze ilýär.

Bu demografik özgerişler ösüşiň barşyna düýpli täsir edýär. Biz ol ösüşi umumy gün tertibine, hususan-da, 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibine we onuň esasynda duryan Durnukly ösüşiň maksatlaryna giryän ösüşiň maksatlaryna ýetmek babatda gazanýarys.

IGÖHM - niň Hereketler maksatnamasy demografik özgerişler meselesini çözmek üçin kuwwatly hukuk binýadyny döredýär. Ol ilatyň ösüşi babatda howaýy san görkezijilerine däl-de, şahsy hukuklara we abadançylyga üns berýär, ol demografiýa we ösüş meselelerine döwrebap çemeleşmek, şeýle hem bolup geçýän demografik özgerişler şertlerinde aýry-aýry raýatlaryň we jemgyýetiň ösmegine ýardam edýän şertleri döretmek üçin esas goýýar.

Demografik durnuklylyk konsepsiýa hökmünde adamlaryň durmuş-ykdysady ösüşi we abadançylygy, şeýle hem syýasy durnuklylyk we howpsuzlyk üçin ilatyň ösüşiniň möhümdigini belleýär [5]. Şunuň bilen baglylykda, ýurtlar Demografik strategiýalary işläp düzmäge çalyşýarlar, olar ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga, gartaşan ilatyň durmuş şertlerini gowulandyrmaga, ölüm derejesini azaltmaga, reproduktiw hukuklary amala aşyrmaga, içeri we daşary migrasiýa ýagdaýyna düşünmäge, ilatyň saglygyny goramaga we berkitmäge, demografik paý peýdany, gender deňligini gazanmaga hem-de şonuň esasynda demografik ýagdaýy gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Demografik taýdan durnukly jemgyýetler duçar bolýan demografik ýagdaýlaryna oňat düşünýärler we öňden görýärler [6]. Olarda endikler, gurallar, syýasy erk we olary dolandyrmak üçin jemgyýetçilik goldawy, adamlar, jemgyýet, ykdysadyýet we daşky gurşaw üçin ýaramaz täsir edip biljek ýagdaýlary ýumşatmak, şeýle hem adamlaryň rowaçlygynyň we tutuş dünýäniň abadançylygynyň bähbidine şol özgerişleri açýan mümkinçilikleri bar.

Köpsanly ýaş ilaty bolan Merkezi Aziýa ýurtlarynda adam mümkinçiliklerine maýa goýmak demografik özgerişlere uýgunlaşmak boýunça islendik hökümet meýilnamasynyň esasy bölegi bolup durýar.

Koreýa Respublikasynda we Gündogar Aziýanyň beýleki ýurtlarynda toplanan maglumatlaryň görkezişi ýaly, haçan-da ýurtlarda sagdyn, bilimli we zähmet çekýän ilat bolanda olaryň ykdysadyýeti ösüp bilýär, şol bir wagtda hem ilatyň köpelmeginiň görkezijileri ýokary derejelerden aşak inip bilýär.

Hojalykda çagalaryň az bolmagy, adatça bir çaga üçin maýanyň artmagyna, işe duranda zenanlar üçin erkinlige hem-de hojalykda tygşytlanan puluň artmagyna getirýär. Haçan-da bu zatlar bolup geçende milli ykdysady netije uly bolup biler. Ol “demografik paý peýda” diýlip atlandyrylýar.

Demografik paý peýda almak mümkinçiligine eýe bolmak üçin Merkezi Aziýa ýurtlary adam maýasyna harajatlaryň birnäçe görnüşini gönükdirip bilýär:

Maşgala syýasatyny ilerletmek, gender nukdaýnazarlary göz öňüne tutmak bilen, işleýän ene-atalary goldamaga gönükdirilen syýasaty öz içine alýar, ol çaga seretmek üçin tölenilýän rugsat, işiň çeýe tertipnamasy we çagalara seretmek ýaly mümkinçiliklerden ybarat bolup durýar. Bu aýallaryň we erkekleriň tölenilmeýän çaga ideginiň ýüküni paýlaşmaga, zenanlaryň hem işçi güýjüne goşulyp bilmegi ýa-da maşgala gurmak ýa-da köpelmek meýillerinden ýüz öwürmek zerurlygy bolmazdan onda galyp bilmegi üçin usul bolup durýar.

Saglygy goramaga bolan mümkinçiligi gowulandyrmak: adamlaryň tutuş ömrüniň dowamynda, şeýle hem gartaşan döwründe sagdyn bolmagy üçin

ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlarynyň edilmegini we sagdyn durmuş ýörelgesiniň höweslendirilmegini öz içine alýar.

Maşgala gurmak boýunça hyzmatlara elýeterliligi giňeltmek, şol sanda kontrasepsiýanyň döwrebap serişdelerini nazara almak bilen: bu adamlaryň isleýän çagalarynyň sany hakynda çözgüt kabul edip bilmegi hem-de aýallaryň, şeýle hem erkekleriň okuw we iş meýillerine päsgelçiligi çäklendirmek üçin çagalarynyň dogjak wagtyny kesgitläp bilmegi üçin mümkinçilik bolup durýar.

Gender deňsizligine we jyns alamaty boýunça zorluga garşy göreşmek: erkekler we aýallar üçin deň şertler döredilen, maşgalalarda gender deňligi bolan, şeýle hem jyns alamaty boýunça zorlugyň öňüni alýan jemgyýetler Merkezi Aziýada adam mümkinçiliklerini ösdürmegiň esasy şertleri bolup durýar. Olar aýallaryň we gyzlaryň ykdysadyýete we jemgyýete has işjeň gatnaşmagynyň hasabyna olaryň mümkinçiliklerini doly peýdalanmak bilen zenanlaryň saýlap-seçmelerini giňeldýär. Köpsanly barlaglaryň görkezişi ýaly, zenanlaryň önümçiligiň dürli pudaklaryna we hyzmatlar ulgamyna çekilmegi JIÖ-ni ýokarlandyrýar.

Bilim almak mümkinçiliklerini giňeltmek: Adamlara tutuş ömrüniň dowamynda ýokary hilli bilimiň berilmegi ykdysady ösüşe ýardam edip biler we adamlary zähmet bazarynda üstünlik gazanmagy üçin zerur bolan endikler bilen üpjün edip biler. Bu ýaşlary höweslendirip biler.

- Has gowy mümkinçilikleriň gözleginde başga ýurtlara gitmän, öz Watanynda galmagyna, gartaşan adamlara jemgyýetiň işjeň agzalary bolup galmagyna ýardam edip biler.

- Durmuş endikleriniň toplumlaýyn öwrenilmegini ornaşdyrmak: Ýaşlaryň bedenlerinde bolup geçýän özgerişler we gatnaşyklar barada olaryň bilimlerini we başarnyklaryny kemala getirmek ýaşlara saglygyny gorap saklamaga ýardam edýän hem-de aýallaryň we gyzlaryň arasynda adam maýasyny ösdürmegi höweslendirýän esasy ýagdaý bolup durýar.

- Ykdysady meseleleri çözmek: Köpsanly iş orunlaryny döretmäge we ykdysady durnuklylygy artdyrmaga gönükdirilen çäreler adamlaryň çagalarynyň islän sanynyň dogulmagyny we öz maşgalalaryny üpjün etmegini ýeňilleşdirýär.

- Gatnaşmak üçin mümkinçilikleri giňeltmek: haçanda adamlar syýasy prosese we jemgyýetçilik durmuşynyň beýleki ugurlaryna gatnaşmak mümkinçiligine eýe bolanda, olarda öz ýurdunyň geljegine bolan örän uly gyzyklanma duýgusy peýda bolýar. Giňden çekilme jemgyýet üçin peýdalydyr we durnuklylyga ýardam edýär.

- Ekologiýa meselelerini çözmek: howanyň üýtgemegi, çölleşme, gür ilatly ýerlerde suw ýetmezçiligi, daşky gurşawyň hapalanmagy we beýleki ekologiýa meseleleri belli bir sebitlerde adamlaryň durmuşyny we işini kynlaşdyryp biler. Ekologiýa meseleleriniň çözülmegi şol ýerleri ýaşamak üçin has ýaramly etmäge hem-de adamlaryň saglygyny we maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga ýardam eder.

Merkezi Aziýa ýurtlary bu ädimleri ätmek bilen, adam maýasyny berkitmek we öz raýatlary üçin röwşen geljegi gurmak arkaly demografik durnuklylygy artdyrmaga ýardam edip bilerler.

Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasy reproduktiw saglyk, gender deňligi, deňsizligi ýok etmek we

demografik maglumatlary we seljermesi babatda DÖM-niň görkezijileriniň 17-si üçin global derejede göni jogapkärçilik çekýär.

Durnukly ösüşiň Global Maksatlary hem-de Ilat Gaznasy we Ösüş boýunça Halkara maslahatyň Hereketler maksatnamasy özara baglydyr, çünki olar Ýer ýüzünde ähli adamlar üçin durnukly we röwşen geljegi gurmaga gönükdirilendir.

Olar garyplyk, deňsizlik we ekologiýa wehimleri ýaly global meseleleri çözmek üçin döwletleriň, guramalaryň we

ilatyň hyzmatdaşlygyna we bilelikdäki hereketlerine çagyrýar.

Türkmenistan Durnukly ösüş babatda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini, şol sanda Durnukly Ösüşiň Maksatlarynyň 17-sini hem-de adam hukuklaryny amala aşyrmaga, gender deňligini gazanmaga hem-de ähli aýallaryň we gyzlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilen wezipeleriň 148-sini durmuşa geçirmek borçnamasyny üstüne almak bilen, “hiç kimi yzda goýmazlyga” borçlanan ilkinji ýurtlaryň biri boldy.

Biz 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş babatda Gün tertibiniň Maksatlaryna ýetmegiň hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasynyň özgerdiji maksatlarynyň üçüsine ýetmegiň ahyrky möhletine tiz ýakynlaşýarys, olara: maşgala gurmakda kanagatlandyrylmadyk hajatlary aradan aýyrmak; öňüni alyp bolýan enelik ölüminiň öňüni almak; jyns alamaty boýunça zorlugy we ähli zyýanly endikleri bes etmek degişli bolup durýar.

2024-nji ýylda halkara bileleşigi Ilat Gaznasy we Ösüş boýunça Halkara maslahatyň 30 ýyllygyny bellemäge taýýarlyk görýär. Hereketler maksatnamasyny amala aşyrmakda gazanylan ösüşe gaýtadan baha bermek üçin bäşýyllyk döwürleýin syny geçirmek meýilleşdirilýär. 2023-nji ýylyň oktýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasynyň Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa üçin Sebit bölümi Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde

IGÖHM+30 boýunça sebitleýin maslahaty geçirildi. Öňde görkezilen bu maslahatlaryň netijeleri IGÖHM-niň global synynyň esasyny düzer, ol 2024-nji ýylyň aprelinde Ilat Gaznasy we Ösüş boýunça komissiýanyň 57-nji mejlisiniň çäklerinde geçiriler.

Sebit Maslahatynyň esasy maksatlary:

1. Gazanylan ösüşe syn bermek we işleri amala aşyrmakda kemçilikleri ýüze çykarmak;

2. IGÖHM-ni hem-de 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş babatda Gün tertibini çaltlandyrmak üçin gatnaşyklary berkitmek;

3. Täze demografik ýagdaýlarda şahsy we jemgyýetçilik mümkinçilikleri amala aşyrmagyň ugurlaryny kesgitlemek.

Bu sebit maslahatynyň öňýanynda, 2023-nji ýylyň 23-nji maýynda Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasy Türkmenistanyň hökümeti bilen hyzmatdaşlykda Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde ýokary derejeli maslahat geçirdiler, onda Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasynyň Halkara maslahatyndan soň gazanylan ösüşe syn bermäge girişdiler [7].

Ýokary derejeli maslahat 2019-njy ýylda Naýrobide geçirilen IGÖHM-niň sammitinde kabul edilen Türkmenistanyň borçnamalaryny ara alyp maslahatlaşmak üçin platforma bolup hyzmat etdi. Naýrobide IGÖHM-niň sammitinde kabul edilen Türkmenistanyň borçnamalary ara alnyp maslahatlaşylanda 2030-njy ýyla çenli ýerine ýetirilmeli işleriň sanawyny gaýtadan tassyklamak mümkinçiligi döredi. Şol işleriň hatarynda çaga dogranda öňüni alyp bolýan sebäpler zerarly bir aýalyň hem aradan çykmazlygyny, her bir zenanyň çagalarynyň sany we olaryň ýaş aralygy babatda çözgüt kabul etmegi saýlap almak hukugynyň boljaklygyny hem-de her bir aýalyň we gyzyň zorlukdan azat boljaklygyny kepillendirmek wezipeleri bar.

Gyzyklanýan taraplaryň gatnaşmagynda bu bilelikdäki proses milli hyzmatdaşlary reproduktiw saglyk we hukuklar, gender deňligi, ýaşlar syýasaty we demografik meýiller bilen bagly bolan kanunlar, syýasat we milli maksatnamalar, meýilnamalar durmuşa geçirilende has abatlylygy güýçlendirmegiň zerurdygyny ykrar etmäge çagyrdy.

Häzir aýallaryň we gyzlaryň durmuşyny özgertmek hem-de olaryň kän yzda galanlaryny gurşap almak üçin tagallalary artdyrmagyň wagty geldi, şunda hiç yza tesmek bolmaz!

EDEBIÝAT

1. Народонаселение мира в 2022 году. «Видеть невидимое. Обоснование действий в случае игнорируемого кризиса непреднамеренной беременности». Доклад о состоянии Мирового Населения, 2022
2. Отчет о Найробийском саммите МКНР-25. «Ускорение Выполнения Обещаний», 2019.
https://www.unfpa.org/sites/default/files/pub-pdf/20-134-UNFPA-NairobiSummitReport-RU-v1125-web_0.pdf
3. Johnson-Hanks, Jennifer A. and others, «The Theory of Conjunctural Action», in Understanding Family Change and Variation. Understanding Population Trends and Processes, vol 5. Dordrecht: Springer. 2011.
4. Народонаселение мира в 2023 году. «Восемь миллиардов жизней, Бесконечные Возможности - Аргументы в пользу прав и выбора». Доклад о состоянии Мирового Населения, 2023.
5. Программа Демографической Устойчивости для стран Европы и Центральной Азии. «Пути Благополучного Развития Общества в Мире Стремительных Демографических Изменений».
https://eeca.unfpa.org/sites/default/files/pubpdf/104_demographic_resilience_brochure_russian_updated_2023_r1.pdf
6. Программа Демографической Устойчивости для стран Европы и Центральной Азии. «Пути Благополучного Развития Общества в Мире Стремительных Демографических Изменений».
https://eeca.unfpa.org/sites/default/files/pubpdf/104_demographic_resilience_brochure_russian_updated_2023_r1.pdf
7. «Туркменистан приступает к обзору прогресса в осуществлении Программы действий Международной конференции по народонаселению и развитию с проведением субнациональных консультаций», 2023.
https://turkmenistan.unfpa.org/ru/news/

TÜRKMENISTANYŇ BITARAPLYK DEREJESI – PARAHATÇYLYGYŇ WE DÖREDIJILIGIŇ KEPILI

Akjemal DURDYÝEWA,
Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň başlygy, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň başlygy

12-nji dekabrda tutuş dünýäde bolşy ýaly, biziň ýurdumyzda hem Halkara Bitaraplyk güni giňden dabaraly ýagdaýda bellenilýär. 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan etmek hakynda Rezolýusiýa kabul edildi. Bu resminama geçen ýyllarda Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde, döwletleriň we halklaryň arasynda netijeli gatnaşyklary we hyzmatdaşlygy, dostlukly we oňyn gatnaşyklary berkitmekde netijeli gurala öwrülendigini tassyklaýar.

Halkara Bitaraplyk güni – bu ýurtlaryň arasynda parahatçylyk söýüjilikli we dostlukly gatnaşyklary ýola goýmaga we ösdürmäge bolan çagyryş.

Türkmen Bitaraplygynyň konsepsiýasy türkmen halkynyň taryhy we ruhy geçmişi, onuň milli bähbitleri bilen şertlendirilendir. Üçünji müňýyllykdan başlap, biziň eýýamymyza çenli gadymy türkmenler, ýa-da alymlaryň atlandyryşy ýaly, Altyndepe, Marguş, Parfiýa, Margiana, Ürgenç we olardan öň döredilen beýleki türkmen döwletleri köp babatda Gündogaryň syýasy, ykdysady we medeni durmuşynyň, Gündogaryň we Günbataryň, Demirgazygyň we Günortanyň özara gatnaşyklarynyň häsiýetini kesgitläpdir [1].

2024-nji ýylda doglan gününiň 300 ýyllygy giňden belleniljek akyldar, nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň ajaýyp goşgusynda "Sözlä bilseň, ýagşy sözle, halk ýamanyň bizarydyr" diýen setirler bar [2]. Olarda türkmenleriň ýagşylyk we ýamanlyk, dünýä we adamzat, şeýle hem halkyň erkin we bagtyýar durmuş baradaky arzuwlary beýan edilýär.

Türkmen halkynyň taryhy we ruhy kökleri Garaşsyz Türkmenistanyň sosial-syýasy gurluşynyň nusgasyny saýlap almagyny şertlendirmek bilen çäklenmän, eýsem, onuň bitarap daşary syýasy ugrunyň esasyny hem düzdi. 1992-nji ýylyň iýulynda Helsinkide geçirilen Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça maslahatyň (häzirki ÝHHG) sammiti onuň hemişelik bitaraplyk derejesine eýe bolmagy başlangyç nokada öwrüldi, onda Türkmenistan ilkinji gezek öz daşary syýasy ugrunyň düýp mazmuny hökmünde oňyn bitaraplygyny jar etdi.

Şeýle hem şonda onuň esasy häsiýetnamalary – beýleki ýurtlaryň özygtyýarlylygyny we çäk bitewiligini hormatlamak, olaryň içerki işlerine goşulmazlyk, döwletara gatnaşyklarynda güýç ulanmakdan ýüz öwürmek, halkara işlerinde BMG-niň kararlarynyň ileri tutmak, ähli ýurtlar bilen hoşniýetli goňşuçylygy we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak ýaly häsiýetnamalary kesgitlendi.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda taryhy waka bolup geçdi, ol türkmen döwletliliginiň taryhynda özgerme sepgitleriniň birine öwrüldi hem-de köp babatda Türkmenistanyň ösüşiniň ugruny – içerki gurluşy, şeýle hem dünýä bilen özara gatnaşyklary nukdaýnazaryndan döwletiň ugruny kesgitledi.

1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi, "Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda" Konstitusion kanun, Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalary hakynda Jarnama kabul edildi, "Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň konsepsiýasy" tassyklanyldy, ýagny dünýä bileleşiginiň kararyna içerki döwlet hukuk ýagdaýyny çaýan düzgün-kadalar berjaý edildi. 12-nji dekabr döwlet baýramçylygy diýlip esaslandyryldy.

Bulardan başga-da, 1999-njy ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň daşary syýasy ugry hakynda Jarnama kabul edildi, ol hemişelik bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we demokratiýa ýörelgelerine esaslandy [3]. Bu esas goýujy resminamalar, şeýle hem Türkmenistanyň bitaraplyk derejesi mynasybetli Aşgabatda geçirilen iri halkara maslahatlarynyň jemleýji resminamalary halkara hukugynyň nazarýetine we tejribesine uly goşant boldy.

1995-nji ýylyň dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan hemişelik bitaraplyk derejäniň ykrar edilmegi bilen halkara gatnaşyklarynyň garaşsyz subýekti hökmünde Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmegiň strategik wezipesi çözüldi. Türkmenistanyň her bir raýaty bu halkara-hukuk ýagdaýyny asuda durmuşyň kepili, ertirki gününe bolan ynam, arkaýyn zähmet çekmek we çagalaryny ösdürip ýetişdirmek mümkinçiligi hökmünde kabul etdi.

Türkmenistan sebitde syýasy durnuklylygy saklamak we goldamak, hoşniýetli goňşuçylygy, dostlugy we hyzmatdaşlygy ösdürmek işinde BMG-niň işjeň we netijeli agzasy bolup durýar. 2007-nji ýylda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy munuň subutnamasy bolup, ol geçen ýyllaryň dowamynda häzirki döwrüň täze wehimlerine jogap hökmünde çözgütleri gözläp tapmakda BMG-ni sebitiň ýurtlary bilen baglaýan netijeli platforma hökmünde görkezdi. Geçen ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň energetika ulgamy, ulag-kommunikasiýalar, şeýle hem ekologiýa howpsuzlygy hem-de daşky gurşawy goramak we beýleki ugurlar boýunça möhüm Rezolýusiýalary kabul edildi.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda hem-de 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda kabul eden Rezolýusiýalary Türkmen döwleti üçin möhüm ähmiýete eýe boldy. Olaryň birinjisi, bitaraplygyň 20 ýyllygy bellenilen döwürde kabul edilen 50/80A belgili "Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy" atly taryhy Rezolýusiýa bolup, ol diňe sebitde däl-de, eýsem tutuş dünýäde parahatçylygyň we howpsuzlygyň berkidilmegine ýardam edýän ýurdumyzyň bitaraplyk derejesini nobatdaky ikinji gezek goldaýandygyny tassyklady. Ikinjisi bolsa, 12-nji dekabry – Türkmenistanyň bitaraplyk gününi Halkara bitaraplyk güni diýip yglan etdi,

bu baýramçylyk ýurdumyzda her ýyl giňden we dabaraly ýagdaýda bellenilýär.

Mysal üçin, 2022-nji ýylda Halkara bitaraplyk güni mynasybetli Aşgabatda "Dialog – parahatçylygyň kepili" atly halkara maslahat geçirildi, oňa dünýäniň ençeme ýurtlaryndan uly wekiliýetler gatnaşdylar. Şeýle hem paýtagtymyzda V Merkezi Aziýanyň bilermenler forumy, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň Dialogynyň her ýyl geçirilýän mejlisi, MA-nyň döwletleriniň daşary işler ministrleriniň orunbasarlarynyň 12-nji duşuşygy, şeýle hem parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine 20-den gowrak ýurdy öz içine alýan Bitaraplygyň dostlary toparynyň ministrler derejesinde geçirilen birinji duşuşygy geçirildi. Hut baýramçylygyň öňýanynda, 6-njy dekabrda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2023-nji ýyly "Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly" diýip yglan etmek hakynda Türkmenistanyň öňe süren rezolýusiýasyny kabul etmegi hem bellärlikli wakadyr.

Ine, bu gün bolsa, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Türkmenistanyň Konstitusion kanunlarynyň, beýleki kanunçylyk namalarynyň, halkara hukugynyň umumy kabul edilen ýörelgeleriniň we kadalarynyň, şeýle hem Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalarynyň we konwensiýalarynyň esasynda amala aşyrylýandygy barada kesgitli netijä gelmek bolýar.

Biziň ýurdumyz «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyndan», "Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022-2028-nji ýyllar üçin konsepsiýasyndan" gelip çykýan hemişelik bitaraplyk, hoşniýetli goňşuçylyk, deňhukuklylyk, birek-biregi hormatlamak we özara hyzmatdaşlyk ýörelgeleri esasynda halkara hyzmatdaşlygy dowam edýär.

Olarda Türkmenistanyň öňünde duryan maksatlar we wezipeler, onuň daşary

syýasy we daşary ykdysady çelgileri we ileri tutýan ugurlary takyk kesgitlendi, şeýle hem dürli meseleleri çözmäge sazlaşykly çemeleşmesi dünýä ösüşiniň proseslerine esasly goşulýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň 2023-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisinde eden çykyşy munuň aýdyň subutnamasy bolup, onda dünýä we sebit problematikasynyň meseleleri boýunça Türkmenistanyň täze halkara başlangyçlary beýan edildi.

Döwlet Baştutanymyzyň çykyşy Türkmenistanyň dünýä bileleşiginiň jogapkärli agzasy hökmünde halkara gatnaşyklarynda ynamly dialog filosofiýasyny işjeň ilerletmegi hem-de "Dialog – parahatçylygyň kepili" ýörelgesine berk eýermegi dowam edýändigini ynamly tassyklady. Şonuň üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň belent münberinden Global howpsuzlygyň strategiýasyny işläp taýýarlamak mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmaga girişmegi teklip etmegi tebigy häsiýete mahsus boldy. Bu strategiýa gapma-garşylyklaryň öňüni almagyň, olary ýok etmegiň guraly hökmünde öňüni alyş diplomatiýasy; — jedelleri we dawalary parahatçylykly, syýasy-diplomatik taýdan düzgünleşdirmek üçin bitaraplygyň mümkinçiliklerini peýdalanmak; şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2021-nji ýyly "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" hem-de 2023-nji ýyly "Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly" diýip yglan etmek hakynda Kararnamalarynyň esasynda ynanyşmak dialogynyň medeniýetini girizmek ýaly ugurlary öz içine almaly [4].

"Merkezi Aziýa - BMG" ugry boýunça inklýuziw, doly görnüşli we ulgamlaýyn dialog bilen baglylykda Türkmenistan BMG-niň howandarlygynda Merkezi Aziýada we onuň bilen ýanaşyk zolaklarda Howpsuzlyk boýunça Maslahaty döretmek başlangyjy bilen çykyş etdi. "Maslahatyň maksady Merkezi Aziýa ýurtlaryny we dünýä bileleşigini, halkara guramalary, maliýe we ykdysady institutlary, ýakynlaşdyrmaga, bu sebiti durnukly, gapma-garşylyksyz ösdürmegi üpjün etmek, işinde olaryň tagallalaryny utgaşdyrmaga, gönükdirilen çemeleşmeleri we çözgütleri işläp taýýarlamakdan ybaratdyr. Biz birinji maslahaty 2024-nji ýylda Aşgabatda geçirmäge taýýardygymyzy beýan edýäris" diýip, Gahryman Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow belledi.

Döwlet Baştutanymyz ýöriteleşdirilen düzümi – Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek, Hazar deňziniň gurşawyny we biologik serişdelerini gorap saklamak, onuň ekologik meselelerini çözmek boýunça "Hazar ekologik başlangyjyny" döretmek baradaky teklip bilen çykyş etdi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz BMG-niň howandarlygynda, Bütindünýä azyk maksatnamasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, BMG-niň Çagalar gaznasy bilen hyzmatdaşlykda azyk howpsuzlygy boýunça uly halkara forumy çagyrmak başlangyjy bilen çylyş etdi.

Türkmenistanyň ykdysady jähtleri barada aýdylanda ýurdumyzyň içerki bähbitleriniň, onuň durmuş-ykdysady wezipelerini çözmegiň döwletimiziň daşary syýasatynyň esasy çelgileri bolup galýandygyny bellemek gerek. Şu maksat bilen ýurdumyzda zerur bolan ykdysady we hukuk gurallarynyň hemmesi döredildi, olar eýeçiligiň ähli

görnüşleriniň deňhukukly bolmagyny we ösmegini kepillendirip, telekeçilik işini höweslendirýär, daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegini we ygtybarly goýulmagyny üpjün edip, maýadarlaryň işlemegi üçin amatly şertleri döredýär.

Bitarap Türkmenistan ykdysady meseleleri kadalaşdyrmakda dünýä bileleşiginiň, esasy halkara guramalarynyň tagallalaryna ýardam edýär. Şunuň bilen baglylykda biziň ýurdumyz dürli formatlaryň çäklerinde Merkezi Aziýa döwletleriniň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga uly goşant goşýar. Ykdysady, söwda, ýangyç-energetika we ekologiýa, medeni-ynsanperwer ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyň döwrebap usullaryny işläp taýýarlamak babatda halkara guramalary bilen bir hatarda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň, "Merkezi Aziýa + 1" dialogynyň, şol sanda "Merkezi Aziýa - Ýewropa Bileleşigi", "Merkezi Aziýa - Russiýa", "Merkezi Aziýa - ABŞ", "Merkezi Aziýa - Hytaý", "Merkezi Aziýa - Hindistan", "Merkezi Aziýa - Ýaponiýa", "Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy" formatlarynda netijeli gatnaşyklar dowam edýär.

Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň ynsanperwer ugurlary biziň ýurdumyzyň Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda görkezilen esasy demokratik hukuklary ykrar etmeginde we olary hormatlamagynda öz beýanyny tapyp, olaryň netijeli bolmagy üçin syýasy, ykdysady, kanunçylyk we beýleki kepillikleri döretdi. Biziň ýurdumyz adamlaryň has gowşak toparlaryny: bosgunlary, migrantlary we raýatlygy bolmadyk adamlaryň goralmagyna aýratyn üns berýär.

Mysal üçin, Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň 32 ýyllygynyň öňýanynda döwlet Baştutanymyzyň gol çeken Permanyna laýyklykda ýurdumyzda hemişelik ýaşaýan, 32 milletiň wekilleri bolan adamlaryň 1 müň 301-si ýurdumyzyň raýatlary boldular. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Kararyna laýyklykda 13 döwletiň raýatlary hem-de 25 milletiň wekilleri bolan adamlaryň 265-ine Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamalar berildi [5].

2024-nji ýylda biziň döwletimiz raýatsyzlygy azaltmak we öňüni almak meselelerine bagyşlanan sebit maslahatyny geçirmegi göz öňünde tutýar.

Türkmenistan Merkezi Aziýanyň zenanlarynyň Dialogynyň işini giňeltmek maksady bilen bu ugurda hyzmatdaşlygy giňeltmek başlangyçlary bilen çykyş edýär. BMG-niň degişli edaralary bilen "Zenanlar, parahatçylyk we howpsuzlyk" global gün tertibini amala aşyrmak, şeýle hem sebitara gatnaşyklary babatda maglumatlary we iň gowy iş tejribelerini alyşmak, bilelikdäki çäreleri we forumlary geçirmek üçin platforma döretmek boýunça zenanlaryň Dialogynyň yzygiderli maslahatlaşmalarynyň usulyny esaslandyrmak teklip edilýär [6].

Geçen ýylyň oktýabr aýynyň başynda Arkadag şäherinde "Dialog-parahatçylygyň kepili" atly halkara ýaşlar forumy geçirilip, ol durnuky parahatçylyga ýardam etmekde ýaşlaryň eýeleýän ornuna bagyşlandy. Bu forum Birleşen Milletler Guramasynyň "Ýaşlar 2030" atly Ýaşlar strategiýasynyň maksatlaryna we wezipelerine doly laýyk gelip, dürli medeniýetlere, sebitlere we garaýyşlara wekilçilik edýän ýaşlaryň arasyndaky netijeli gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirildi hem-de parahatçylygy gurmak, dawalaryň öňüni diplomatik

serişdeler bilen almak we çözmek ýörelgelerini ugur edindi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň mejlisinde (Bişkek ş. 2023-nji ýylyň 13-nji oktýabry) eden çykyşynda belleýşi ýaly "Bitaraplyk we howpsuzlyk institutyny döretmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşylanda, biziň döwletlerimiziň bähbitleri laýyk geler diýip hasaplaýaryn. Bu institut Bitaraplyk we onuň bilen bagla nyşykly meseleler boýunça seljeriş barlaglaryny geçirmek üçin netijeli meýdança bolmalydyr. Munuň üçin Aşgabatda zerur bolan ähli infrastrukturany we şertleri hödürlemäge taýýardyrys".

Şeýlelikde, Türkmenistanyň bitaraplygy halkara-hukuk tejribesiniň aýratyn gymmatlygyna öwrülýär, şeýle hem bitaraplyk hakynda halkara - hukuk düşünjelerini kämilleşdirmäge ýardam edýär.

Hormaly Prezidentimiziň içeri we daşary syýasatyny, sebitde we tutuş dünýäde howpsuzlygy we durnuklylygy ýokary derejede üpjün etmäge, dürli döwletleriň arasynda özara ynanyşmak medeniýetini ýokarlandyrmaga gönükdirilen halkara başlangyçlaryny öz agzalaryň arasynda hemmetaraplaýyn wagyz etmek ozalkysy ýaly häzir hem Türkmenistanyň syýasy partiýalarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar.

Daşary syýasat içeri syýasatyň yzygider dowamydyr diýen parasatly pikire eýermek bilen, Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşyklarynyň Milli merkezi, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşi, olaryň pudaklaýyn we ýerlerdäki guramalary öz işinde Gahryman Arkadagymyzyň Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly öwüt - nesihatlaryny peýdalanmak bilen, türkmen jemgyýetinde syýasy durnuklylygy, milli ylalaşygy, açyklyk we döredijilik ýagdaýyny has-da berkitmek boýunça işjeň wagyz işlerini her bir zähmetkeş toparynda we okuw mekdebinde geçirmäge çalyşýarlar.

Umuman, Bitarap Türkmenistan hemişelik bitaraplygynyň 28 ýyllygyny parahatçylyk we döredijilik, hoşniýetli goňşuçylyk, dünýä bileleşigi boýunça dostlary we hyzmatdaşlary bilen hormatlamak we özara düşünişmek ýagdaýynda garşylady. Türkmenistan öz geljegini aýdyň görýär, döwleti we jemgyýeti ösdürmegiň meýilnamalaryny ynamly düzýär. Giň, köpugurly halkara hyzmatdaşlyga tarap synagdan geçen ugur biziň ýurdumyza geljegine ruhubelent seretmäge mümkinçilik berýär.

EDEBIÝAT

1. «Нейтральный Туркменистан». 4 декабря 2000г.
2. Махтумкули. Избранное. Издательство «Туркменистан». 1984г., ст. 193
3. «Нейтральный Туркменистан». 30 декабря 1999г.
4. «Нейтральный Туркменистан». 20 сентября 2023г.
5. «Нейтральный Туркменистан». 26 сентября 2023г.
6. «Нейтральный Туркменистан». 2 августа 2023г.

ADAM HUKUKLARYNY GORAMAK IŞI

Ýazdursun GURBANNAZAROWA,
Türkmenistanyň adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekili –Adalatçy

2023-nji ýylda türkmen halky dünýä bileleşigi bilen bilelikde dünýä jemgyýetçiligi üçin möhüm wakalaryň ikisini belledi. Olar Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň kabul edilmeginiň 75 ýyllygy hem-de Halkara Bitaraplyk günidir. Bitaraplygyň ýörelgeleri adam hukuklary bilen berk baglydyr. Asuda ýaşamak we durnukly ösüş adam hukuklaryny üpjün etmegiň maksatlaryna ýetmek üçin möhüm gurala öwrüldi. Şonuň üçin her ýyl türkmen jemgyýetçiligi şanly senäni – 12-nji dekabry – BMG-niň Baş Assambleýasynyň "Türkmenistanyň Hemişelik Bitaraplygy hakynda" rezolýusiýasynyň kabul edilmeginiň senesini, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda kabul eden rezolýusiýasy esasynda Halkara Bitaraplyk güni hökmünde jar edilen senäni giňden we dabaraly belläp geçýär

10-njy dekabr, Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň kabul edilen güni – bu dünýä bileleşigi üçin möhüm sene. Şol gün 75 ýyl mundan öň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasyny kabul etdi. Adamzat taryhyndaky bu şanly sene dünýä bileleşigi bilen bilelikde biziň ýurdumyzda hem giňden baýram edilýär. Türkmenistan adam hukuklary we azatlyklary babatda esasy Konwensiýalaryň hem-de beýleki halkara hukuk namalarynyň üýtgewsiz berjaý edilmegine ygrarlydygyny tassyklamak bilen adam hukuklaryny goramak we kanunyň hökmürowanlygy babatda anyk işleriň amala aşyrylmagyna işjeň gatnaşmaga taýýardygyny tassyklaýar.

Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň ýörelgeleri tutuş dünýäde adam hukuklaryny ilerletmek, goramak we amala aşyrmak üçin esas goýdy. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyz ynsanperwer ýörelgelere esaslanan parahatçylyksöýüjilik syýasaty bilen adam hukuklarynyň ileri tutulmagyna we goralmagyna mynasyp goşandyny goşýar. Türkmenistanyň başlangyjy bilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň Dialogy hem-de Merkezi Aziýanyň ýaşlarynyň Dialogy döredildi, olarda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň we ýaşlarynyň wekilleri öz hukuklary, işleri we wehimler bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşýarlar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ynsanperwer syýasaty alyp barmagy netijesinde ýurdumyz raýatsyzlygy azaltmak we onuň soňuna çykmak boýunça uly ösüş gazandy. Türkmenistan netijeli we oýlanyşykly çäreleri kabul edip, Merkezi Aziýada ölüm jezasyny ýatyran ilkinji döwlet boldy.

Tutuş dünýäde Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň kabul edilmeginiň 75 ýyllygynyň baýram edilmegi bilen baglylykda Türkmenistan dünýä bileleşigi bilen bilelikde bu senäni

dabaralandyrmak boýunça çäreleriň birnäçesini geçirdi. Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň kabul edilmeginiň 75 ýyllygynyň baýram edilen ýyly ýurdumyzda halkara maslahatlary we baýramçylyk çäreleri geçirildi. Adalatçy hem-de Adalatçynyň diwanynyň işgärleri milli hukuk goraýyş edarasynyň wekilleri hökmünde ýurdumyzda we daşary döwletlerde geçirilen çärelere gatnaşdylar.

Türkmenistanyň Adalatçysy BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary Komissarynyň müdirligi tarapyndan guralan "Adam hukuklary 75" atly ýokary derejedäki çärelere hem-de hökümete dahylsyz BDG guramasy we INHR täjirçilik däl guramasy, şeýle hem Gazagystanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň milli hukuk goraýjy edaralary tarapyndan guralan ugurdaş çärelere gatnaşdy. Türkmenistanyň Adalatçysy şol çärelerde çykyş edip, adam hukuklaryny ilerletmek we kanuny ileri tutmak boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň gazananlary we bu işe goşan goşandy barada dünýä bileleşigine habar berdi, şeýle hem "Adam hukuklary 75" möwsüminiň çäklerinde Türkmenistanyň borçnamalaryny beýan etdi hem-de Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň düzgün-kadalarynyň geljekde hem ýerine ýetirilmegine ýardam etmek boýunça geçirilýän işler barada maglumat berdi. Hususan-da, Türkmenistanda adam hukuklaryny üpjün etmek, raýatsyzlygyň soňuna çykmak, şeýle hem garaşsyz hukuk goraýyş edarasyny berkitmek üçin halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek, ýaşlar syýasatyny güýçlendirmek, ekologiýa çemeleşmelerini ösdürmek ýaly borçnamalar mälim edildi.

Adalatçynyň diwany UNISEF-niň Wekilhanasy hem-de BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary Komissarynyň müdirliginiň (AHÝKM) Merkezi Aziýadaky Sebit bölümi bilen bilelikde adam hukuklary, çaganyň hukuklary we maýyplygy bolan adamlaryň hukuklary barada tutuş ýurduň çagalarynyň bilimini artdyrmak boýunça tälim beriş okuwlaryny geçirdi. Tomusky dynç alyş merkezlerinde däbe öwrülen çäreler geçirildi, olarda Türkmenistanyň ähli künjeklerinden bolan çagalara interaktiw sapaklar we oýunlar arkaly adam hukuklary boýunça bilim berildi. Çäre adam hukuklarynyň köpugurlylygy we bölünmezligi barada bilimleriň artdyrylmagyna we adamlaryň mümkinçilikleriniň giňeldilmegine gönükdirildi. Bulardan başga-da, Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň kabul edilmeginiň 75 ýyllygynyň baýram edilen ýylynda Adalatçynyň Diwany BMG-niň Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýasynyň Türkmenistan tarapyndan ýerine ýetirilişi barada ilkinji Alternatiw Maglumat bilen tanyşdyrdy. Adalatçynyň Diwanynyň işgärleri Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň kabul edilmeginiň 75 ýyllygyna bagyşlanan hem-de adam hukuklary barada ilata maglumat berýän habarlar bilen Türkmenistanyň habar beriş serişdelerinde yzygiderli çykyş etdiler we metbugat neşirlerinde makalalary çap etdiler.

Adalatçynyň Diwany alyp barýan işini hem-de onuň bilen bagly mümkinçiliklerini yzygiderli pugtalandyrmagy dowam edýär. Bu işiň çäklerinde 2023-nji ýylda Milli hukuk goraýjy edaralaryň Aziýa-Ýuwaş ummany forumynyň (AÝUF), BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň (BMGÖM), BMG-

niň Adam hukuklary boýunça Ýokary Komissarynyň müdirliginiň (AHÝKM) goldaw bermeginde 2022-nji ýylda Diwanyň mümkinçiliklerine baha bermek babatda geçirilen işiň netijeleri boýunça halkara bilermenleriň maslahatlaryny nazara almak bilen köpýyllyk strategik meýilnama işlenip taýýarlanyldy. Baha bermek işiniň dowamynda uzakmöhletli strategik ugruň bolmagynyň Diwanyň işini has-da ösdürmegiň möhüm şertleriniň biri bolup duŕandygy kesgitlendi.

Şeýlelikde, Adalatçynyň Diwanynyň Strategik meýilnamasy Türkmenistanda adam hukuklaryny höweslendirmek we goramak boýunça Diwanyň alyp barýan işiniň çäklerinde geljek bäş ýyl (2024-2028) üçin goldanma resminamasy hökmünde işlenip taýýarlanyldy. Ol degişli milli we halkara resminamalaryny, milli hukuk goraýyş edarasynyň ýedi ýyllyk işini, şeýle hem esasy gyzyklanma bildiŕýän taraplar bilen geňeşmeleri seljermegiň esasynda taýýarlanyldy hem-de Adalatçynyň Diwanynyň işgärleriniň AÝUF-nyň, BMGÖM-niň we AHBÝK-niň halkara bilermenleri bilen bilelikdäki işleriniň netijesi bolup duŕar.

Strategik meýilnama laýyklykda ähli ugurlarda adam hukuklaryna ählumumy düşünilmegine we ulanylmagyna ýardam etmek, adam hukuklaryny we azatlyklaryny, aýratyn-da ilatyň gowşak goragly toparlaryny goramak, adam hukuklary babatda hyzmatdaşlygy ösdürmek we utgaşdyrmak, şeýle hem Adalatçynyň Diwanynyň mümkinçiliklerini we ygtyýarlylygyny pugtalandyrmak wezipeleri kesgitlendi.

Şonuň bilen baglylykda, Adalatçynyň Diwanynyň Strategik meýilnamasy öňümizdäki bäş ýylyň dowamynda Türkmenistanyň adam hukuklary we azatlyklary babatda halkara we milli resminamalarda görkezilen çäreleri amala aşyrmagyna ýardam etmäge gönükdirilen işleri durmuşa geçirmek babatda milli hukuk goraýyş edarasy üçin milli gural bolup hyzmat eder.

Ýurduň DÖM-ne ýetmäge ygrarlylygy bir adamy hem-de ýurduň her bir raýatynyň durmuş derejesini nazara almak bilen durnukly ösüşiň bitewi nusgasyny döretmäge ýardam etdi. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň 75 göterime golaýy durmuş ulgamyny ösdürmäge gönükdirilýär. Ilatyň gowşak goragly gatlaklary üçin takyk kömek we hyzmatlar ornaşdyrylýar hem-de ýaşlar üçin ýenillikli maksatnamalar amala aşyrylýar. Türkmenistan halkara borçnamalaryna ygrarlydygyny ýene bir gezek subut etmek bilen, 2023-nji ýylda DÖM-ni ýerine ýetirmek boýunça özüniň ikinji meýletin syny bilen tanyşdyrdy, onda ýurduň DÖM-ni amala aşyrmak boýunça gazananlaryny we tagallalaryny takyk beýan etdi.

Ýurduň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynda adam hukuklaryny we gender deňligini üpjün etmek döwlet syýasatynyň ileri tutýan möhüm ugurlary bolmagynda galýar. Raýatlaryň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga hem-de “hiç kimi soňda goýmazlyk” ýörelgesini ýerine ýetirmäge gönükdirilen ykdysady syýasatda durmuş ugurly ýoly giňeltmäge aýratyn üns berilýär.

Şeýle hem Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň nobatdaky mejlisinde çykyş edip, Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň kabul edilmeginiň 75 ýyllygyny dabaralandyrmak boýunça birnäçe başlangyçlaryny öňe sürdi. Hususan-da, BMG-niň Parahatçylygy döretmek

boýunça topary, “BMG-Zenanlar” düzümi ýaly edaralary bilen “Zenanlar, parahatçylyk we howpsuzlyk” gün tertibini durmuşa geçirmek boýunça Merkezi Aziýanyň zenanlarynyň Dialogynyň yzygiderli geňeşmeleriniň guralyny kesgitlemek teklip edildi. Şeýle hem Merkezi Aziýanyň zenanlarynyň Dialogy bilen dünýäniň beýleki sebitlerinde işleýän şeýle guramalaryň arasynda maglumatlary we iň gowy tejribeleri alyşmak, bilelikdäki çäreleri, forumlary we tälim beriş okuwlaryny guramak arkaly sebitara hyzmatdaşlygyny ösdürmek teklip edildi. Sebitiň ýurtlarynyň arasynda parahat, dostlukly we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak üçin Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýaşlarynyň arasynda köptaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge ýardam etmek maksady bilen biziň ýurdumyz 2023-nji ýylda Türkmenistanda Merkezi Aziýanyň ýaşlarynyň Dialogynyň guramaçylyk sessiýasynyň geçirilmegini teklip etdi. Raýatsyzlygyň soňuna çykmak meselesini çözmekde ýurduň eýe bolan oňyn tejribesini nazara almak bilen, Türkmenistan 2024-nji ýylda şol mesele boýunça Sebit maslahatyny geçirmegi meýilleşdirýär. BMG-niň Baş Assambleýasynyň halkara dialogynda medeni gatnaşyklary ilerletmek hem-de köpdilliligi goldamak boýunça rezolýusiýalaryny ornaşdyrmak maksady bilen Türkmenistan 2024-nji ýylda UNESKO hem-de TÜRKSOÝ bilen bilelikde Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan Türki dilleriň halkara hepdeligini geçirmek pikirini, şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli rezolýusiýalary kabul etmek tejribesine esaslanyp, “Türki dilleriň bütindünýä güni” rezolýusiýasyny kabul etmek mümkinçiligine seretmek pikirini öňe sürdi.

Ýurduň Hökümetiniň goldaýan, Türkmenistanyň esasy gymmatlyklary hasaplanýan adam hukuklaryny ilerletmek, goramak we amala aşyrmak biziň umumy jogapkärçiligimiz bolup durýar. Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly agzasy hem-de adam hukuklary boýunça halkara konwensiýalaryna gatnaşyjy hökmünde adam hukuklaryny we kanunyň hökmürowanlygyny ilerletmek boýunça işjeň syýasaty alyp barýar.

ADAM HUKUKLARYNYŇ ÄHLUMUMY JARNAMASYNYŇ 75 ÝYLLYGY WE MILLI KANUNÇYLYGYŇ ÖSÜŞI

Döwlet AMANMYRADOW,
Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri

Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasy 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edildi. Ol adam hukuklary babatda halkara hukugynyň esas goýujy resminamasy bolup, milletine, tenineň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ynam-ygtykadyna ýa-da gaýry ýagdaýlara garamazdan ähli adamlaryň hukuklarynyň

we azatlyklarynyň deňligini kesgitleýär.

Jarnama halkara hukugynyň we adam hukuklarynyň ösüşine ägirt uly täsirini ýetirdi. Ol beýleki köp sanly halkara şertnamalarynyň we konwensiýalarynyň esasyny düzüp, dünýä ýurtlarynyň konstitusiýalarynda we kanunlarynda hem ornaşdyryldy.

Jarnama esasan şu ugurlarda halkara hukugynyň we adam hukuklarynyň ösüşine täsirini ýetirdi:

- ol adam hukuklary babatda beýleki halkara şertnamalarynyň we konwensiýalarynyň ösüşiniň esasy binýadyna öwrüldi. Häzirki wagtda adam hukuklary babatda Jarnamanyň düzgünlerine esaslanýan we şol düzgünleri has-da takyklaşdyrýan, kämilleşdirýän, şeýle hem olaryň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän halkara şertnamalaryň we konwensiýalaryň ulgamy hereket edýär.

- ol adam hukuklary babatda milli kanunçylygyň we kazyýet tejribesiniň ösüşine oňaýly täsir etdi. Dünýä ýurtlary Jarnamanyň düzgünlerini milli kanunçylygyna girizdiler, şeýle hem adam hukuklaryny goramak babatda milli gurallaryny döretdiler.

- ol tutuş dünýäde adam hukuklary boýunça habarlylygyň ýokarlandyrylmagyna ýardam berdi. Jarnama adam hukuklaryny ilerletmek we goramak üçin wajyp gural bolup durýar. Ol adam hukuklary boýunça guramalaryň işi üçin, şeýle hem ilatyň arasynda adam hukuklary barada okatmak we habarlylygy ýokarlandyrmak üçin esas hökmünde ulanylýar.

Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasy 75 ýylyň içinde adam hukuklaryny goramak babatda öňyn tejribeleriň ornaşdyrylmagyna oňaýly täsir etdi. Ol gulçulygyň, kemsitmeleriň we adam hukuklarynyň bozulmagynyň beýleki görnüşleriniň soňuna çykmaga ýardam berdi. Jarnamanyň kabul edilmegi, adamyň bilim almagyna, saglygyny goramagyna we beýleki esasy hukuklarynyň berjaý edilmegini şertlendirdi.

Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasyny durmuşa geçirmeginiň 75 ýyllyk tejribesinde şu esasy sepgitleri bellemek bolar:

- Ol adam hukuklary babatda, şol sanda teniniň reňki, jynsy, dini we beýleki alamatlar boýunça kemsitmä garşy göreşmek babatda halkara hukugynyň ösüşini üpjün etdi. Mysal üçin, Jarnama aýallar babatda durmuşyň ähli çygyrlarynda, şol sanda syýasy, ykdysady, durmuş we medeni çygyrlarda kemsitmeleri gadagan edýän Aýallar babatda kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda konwensiýanyň (1979 ý.) kabul edilmegine esas boldy.

- bilim almaga, saglygy goramaga we beýleki esasy hukuklara elýeterliligiň giňeldilmegi. Jarnama dünýäde millionlarça adam üçin bilim almaga we saglygy goramaga elýeterliligi üpjün etmäge ýardam berdi. Ol zähmet çekmek, dynç almak ýaly beýleki esasy hukuklaryň ösmegine hem ýardam berdi. Ol Çaganyň hukuklary hakynda konwensiýanyň (1989 ý.), Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda halkara ylalaşygyň (1966 ý.) we Maýyplaryň hukuklary hakyndaky konwensiýanyň (2006 ý.) kabul edilmegine ýardam berdi.

Türkmenistan Garaşsyz döwlet hökmünde 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Birleşen Milletler Gurmasynyň doly hukukly agzasy bolmak bilen, Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň kadalaryna esaslanyp, 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda Esasy Kanunyny kabul etdi. Adam hukuklary bilen baglanyşykly kadalar Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň "Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary we borçlary" atly ikinji bölüminde berkidilendir.

Türkmenistan BMG-niň adam hukuklary babatda esasy halkara resminamalaryna hem goşuldy we ykrar etdi, ýagny: Çaganyň hukuklary hakynda konwensiýa (1993 ý.); Jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda halkara konwensiýa (1994 ý.); Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara ylalaşygy (1995 ý.); Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda halkara ylalaşygy (1996 ý.); Aýallar babatda kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda konwensiýa (1996 ý.); Gynamalara we çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine garşy konwensiýa (1999 ý.); Maýyplaryň hukuklary baradaky konwensiýa (2008 ý.); we beýlekiler.

Türkmenistan Jarnamada berkidilen adam hukuklaryny berjaý etmek we goramak boýunça borçnamalary öz üstüne almak bilen, olarda beýan edilen halkara hukuk kadalary milli kanunçylyga ornaşdyrdy. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda adamyň we raýatyň esasy hukuklary we azatlyklarynyň hatarynda ýaşamaga hukuk; erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige hukuk; şahsy durmuşyň eldegrilmesizligine hukuk; pikir, söz azatlygyna hukuk; zähmete hukuk; bilim almaga hukuk; saglygy goramaga hukuk; durmuş üpjünçiligine hukuk; ýaşaýyş jaýyna hukuk; ýerden peýdalanmak hukugy; erkin hereket etmäge we ýaşajak ýerini saýlap almaga hukuk; kanunyň öňünde deňlik hukugy; kemsitmeden goranmaga hukuk; hukuklaryňy we azatlyklaryňy goramak hukugy.

Jarnamanyň düzgünlerini durmuşa geçirmek maksady bilen birnäçe kodeksler we kanunlar, şol sanda Türkmenistanyň

Raýat, Maşgala, Jenaýat we beýleki kodeksleri, "Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda", "Aýallaryň we erkekleriň deň hukuklarynyň we deň mümkinçiliklerініň üpjün edilmeginiň döwlet kepillikleri hakynda", "Kazyýet hakynda","Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda" we beýleki Türkmenistanyň Kanunlary kabul edilmegi möhüm ähmiýete eýedir.

Şeýle hem ýurdumyzda birnäçe milli maksatnamalar durmuşa geçirilýär. Ýagny "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy", "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy", "Türkmenistanda Adam hukuklary boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň Milli Meýilnamasy", "Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň Milli Meýilnamasy", "Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça 2023-2028-nji ýyllar üçin hereketleriň Milli meýilnamasy", "Türkmenistanda raýatsyzlygy ýok etmek boýunça 2019-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň Milli Meýilnamasy" we beýleki maksatnamalardyr. Bu resminamalar ýurdumyzyň adam hukuklary babatda borçnamalaryny ýerine ýetirmegi üpjün etmäge ulgamlaýyn çemeleşmäni döretmäge gönükdirilendir.

Şeýle hem 2016-njy ýylyň 23-nji noýabrynda "Adalatçy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilip, 2017-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girizildi we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 8-nji aprelindäki buýrugy bilen Türkmenistanyň Adalatçysynyň diwany döredildi. Adalatçynyň diwany Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak boýunça işi amala aşyrýan edara bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň 2023-nji ýylyň 6-njy aprelinde Mejlisiň ýedinji çagyrylyşynyň deputatlarynyň birinji maslahatynda "Türkmenistanda adamyň we raýatyň Konstitusiýada hem-de kanunlarda kepillendirilen hukuklaryny, azatlyklaryny goramak biziň alyp barýan döwlet syýasatymyzyň baş maksady bolup durýar" diýip nygtamagy Türkmenistanda adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepillendirilendiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Şeýlelikde, Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasy tutuş adamzat üçin ägirt uly ähmiýete eýe bolan resminamadyr. Jaranamanyň esasynda ýurdumyzda kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalar adam hukuklaryny we azatlyklaryny mundan beýläk hem üpjün etmäge, ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady hem-de medeni ulgamlarynda adam hukuklaryny goramak babatdaky işleri ilerletmäge, ýurdumyzyň halkara resminamalary esasynda öz üstüne alan borçnamalaryna ygrarlydygyny beýan etmäge gönükdirilendir. Bu bolsa Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Serdarymyzyň, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzda halkara hukugynda göz öňünde tutulan we milli kanunçylykda kepillendirilen adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň goraglylygynyň üpjün edilýändigine şaýatlyk edýär.

INTELLEKTUAL EÝEÇILIGIŇ MILLI WE HALKARA HUKUK ESASLARY

Suraý GAPBARGULYÝEWA,
Magtymguly adyndaky
Türkmen döwlet uniwersitetiniň
raýat hukugy kafedrasynyň mugallymy

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ylmyň we tehnologiýalaryň ileri tutulýan ugurlaryna gönükdirilen döwlet syýasaty netijesinde jemgyýetimiziň we döwletimiziň ylym-bilim binýady has-da pugtalanýar. Her ýylyň täze okuw ýylynyň ilkinji gününiň-Bilimler we talyp ýaşlar gününiň döwlet ähmiýetli çäreler bilen utgaşmagy ulgamyň işine täze güýç, badalga berýär. 2023-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçen umumy okuw sapagynda: "Bu gün ýurdumyzyň akademiki ylmy-barlag institutlarynda, ýokary okuw mekdepleriniň ylmy-tehnologik, ylmy-kliniki, ylmy-taslama merkezlerinde, tejribe-önümçilik barlaghanalarynda, pudaklaýyn we pudagara ylmy guramalarda ylma, döredijilige höwesli ýaşlarymyzyň täze nesli kemala geldi" diýip, ýurdumyzda ylmy-barlaglaryň, oýlap tapyşlaryň netijeliligini artdyrmak üçin zerur şertleriň döredilýändigini buýsanç bilen nygtady [1]. Aýratyn hem ýaşlaryň ylmy-barlag, ylmy-taslama işlerini durmuşa geçirmek üçin giň mümkinçilikler we hemmetaraplaýyn goldawlar berilýär. "Häzirki wagtda ýurdumyzyň ilatynyň esasy bölegini Garaşsyzlyk ýyllarynda kemala gelen ýaş nesiller düzýär. Biz ýaşlara eziz Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde garaýarys." diýip belleýän Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýaş nesillere biziň geljegimizi guryjylar hökmünde uly ynam bildirýär, olaryň ylymly-bilimli, ahlak we beden taýdan sagdyn, Watana wepaly ýaşlar bolup ýetişmeginde döwlet derejesinde tagallalary durmuşa geçirýär. [2]. Arkadagly Serdarymyz bu babatda: "Ylymly ýaşlara eýe bolan döwlet beýik döwletdir. Ýaşlary ylymly bolan döwletiň sütünleri berkarar, güýji mizemezdir. Biz ýaş alymlaryň ylma gyzyklanmasyny, täze ylmy açyşlara, oýlap tapyşlara bolan höwesini artdyrmak üçin mundan beýläk-de ähli tagallalary ederis" diýip belleýär [3].

Ýaşlary ylmy-döredijilik işine höweslendirmek, geljegi uly barlaglaryň, oýlap tapyşlaryň tehniki gerimini giňeltmek we onuň netijelerini önümçilige ornaşdyrmak üçin ykdysady şertler bilen birlikde hukuk şertler hem döredilýär. Oýlap tapyşlaryň, rasionalizatorçylyk teklibiniň eýeleriniň, ylmy, edebiýat, sungat we saz eserleriniň awtorlarynyň kanun tarapyndan hukuk goragynyň üpjün edilmegi, bu ugurdaky kanunçylyk namalarynyň has-da kämilleşdirilmegi muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Olaryň hukuklarynyň kontitusion esaslary Türkmenistanyň Konstitusiýasynda: "Her bir adamyň medeni durmuşa gatnaşmaga, çeper, ylmy we tehniki döredijiliginiň

erkinligine hukugy bardyr. Adamyň ylmy, tehniki döredijilikde, şeýle hem çeperçilik, edebiýat we medeniýet işinde awtorlyk hukuklary hem-de bähbitleri kanun bilen goralýar" diýen kadada berkidilýär [4].

Raýat hukugynyň çylşyrymly institutlarynyň biri hökmünde intellektual eýeçilik hukugynyň milli ulgamynyň ilkinji hukuk esaslary Garaşsyz Türkmenistanyň 1992-nji ýylda kabul edilen Konstitusiýasynda berkidildi. Konstitusion kada şol ýylyň 30-njy sentýabrynda kabul edilen "Ylmy intellektual eýeçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda has-da giňişleýin beýan edildi. 1993-nji ýyldan başlap Türkmenistanyň intellektual eýeçilik hukugynyň milli ulgamy hereket edip başlady.

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň "Intellektual eýeçilik hukugy" atly IV böleginde intellektual eýeçilik hukugyň obýektleri, olaryň hukuk goragy, awtorlaryň aýratyn hukugy, ygtyýarnamaly şertnama, kömekçi ygtyýarnamaly şertnama, mejbury ygtyýarnama baradaky kadalar öz beýanyny tapdy. Kodekse laýyklykda, intellektual işiň netijelerine we olara deňeşdirilýän indiwidual laşdyryş serişdelerine bolan hukuklar intellektual hukuklar diýlip ykrar edilýär. Intellektual eýeçilik hukugynyň obýektlerine intellektual işiň netijeleri we indiwidual laşdyryş serişdeleri degişlidir.

Şular intellektual işiň netijelerine degişlidir:

1.Ylmy, edebiýat, sungat eserleri;

2.Kompýuterler üçin programmalar;

3.Maglumat binýatlary;

4.Ýerine ýetirijilik;

5.Fonogrammalar, wideogrammalar;

6.Radio ýa-da telewizion gepleşikleriň ýaýlymda ýa-da kabel boýunça goýberilmegi (ýaýlymda ýa-da kabelde alyp eşitdirişiň guralmagy);

7.Oýlap tapyjylyk;

8.Peýdaly nusgalar;

9.Senagat nusgalary;

10.Seleksiýanyň gazananlary;

11.Integral mikroshemalaryň topologiýasy;

12.Önümçilik syrlary;

13.Intellektul işiň Türkmenistanyň kanunçylygynda we halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlardaky başga netijeleri.

Ýuridik şahsyň indiwidual laşdyryş serişdelerine, önümiň, ýerine ýetirilýän işleriň ýa-da hyzmatlaryň indiwidual laşdyryş serişdelerine şular degişlidir:

1. Firma atlary;

2. Haryt nyşanlary we hyzmat ediş nyşanlary;

3. Harytlaryň gelip çykan ýeriniň atlary;

4. Täjirçilik belgileri;

5. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda indiwidual laşdyrmagyň beýleki serişdeleri [5].

Ýokarda agzalan intellektual eýeçilik hukugynyň obýektleri babatda soňraky döwürlerde birnäçe täze kanunçylyk namalary kabul edildi. Olara "Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy hakynda", "Senagat nusgalarynyň hukuk goragy hakynda", "Firma atlary", "Haryt nyşanlary hakynda", "Harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlary hakynda", "Integral mikroshemalaryň topologiýalarynyň hukuk goragy hakynda" "Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar hakynda", "Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak hakynda",

“Rasionalizatorçylyk işi hakynda” Türkmenistanyň kanunlaryny görkezmek bolar.

Milli intellektual eýeçilik ulgamyny kämilleşdirmek, ony dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine çykarmak maksady bilen 2020-nji ýylyň 4-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda tassyklanan “Türkmenistanyň intellektual eýeçilik ulgamyny ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň” ähmiýeti uludyr [6]. Bu maksatnamany üstünlikli durmuşa geçirmek, bu ulgamda alnyp barylýan işleri utgaşdyrmak, intellektual eýeçilik hukugynyň obýektlerini goramak babatda zerur çäreleri durmuşa geçirmek, şeýle hem bu ugry halkara kadalara laýyklykda has-da ösdürmek maksady bilen, Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen Ministrler Kabinetiniň 2021-nji ýylyň maý aýynyň 21-ine geçirilen nobatdaky mejlisinde intellektual eýeçiliginiň obýektlerini goramak boýunça Pudagara topary döretmek hakynda Karara gol çekdi we onuň düzümini hem-de düzgünnamasyny tassyklady. Topar intellektual eýeçiliginiň hukuklaryny goramakda kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik etmek, bu ugurda halkara şertnamalardan gelip çykýan borçlara laýyklykda alnyp barylýan işleri utgaşdyrmak, we intellektual eýeçiliginiň obýektleriniň bazaryny döretmek boýunça degişli işleri durmuşa geçirýär [7].

Ýurdumyzda intellektual eýeçilige degişli hukuklary goramagy düzgünleşdirýän edara hökmünde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň düzüminde Intellektual eýeçilik boýunça döwlet gullugynyň (Türkmenpatent) ähmiýeti uludyr. Türkmenpatent intellektual eýeçilik ulgamy boýunça ýeke-täk döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär, bu babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň ulanylmagy boýunça düşündirişleri we teklipleri berýär, haýyşnamalary seredilmegi üçin kabul edýär, olar boýunça bilermenler seljermesini we patent ynamdarlarynyň hünär synagyny geçirýär, olary bellige alýar şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, beýleki wezipeleri amala aşyrýar [8].

Intellektual eýeçiliginiň obýektleriniň halkara-hukuk mehanizmleri 1967-nji ýylda Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasynyň döredilmegi barada Stokgolmda Konwensiýanyň kabul edilmegi bilen baglanyşyklydyr. Ştab-kwartirasy Ženewada (Şweýsariýada) ýerleşen guramanyň esasy maksady senagat eýeçiligini, oýlap tapyşlary, patentleri, söwda belgilerini, senagat şekillerini, awtorlyk hukuklaryny edebiýat we sungat eserlerini goramakdan halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekden ybaratdyr. Intellektual eýeçiliginiň 1974-nji ýyldan başlap Bütindünýä intellektual eýeçiligi Guramasyna BMG-niň döredijilik we intellektual eýeçilik boýunça ýöriteleşdirilen guramasy diýen dereje berildi [9]. Türkmenistan döwletimiz 1995-nji ýyldan bäri, Intellektual Eýeçiliginiň Bütindünýä Guramasynyň doly hukukly agzasy bolup, ýurdumyzda intellektual eýeçiligi goldamagy, höweslendirmegi we goramagy kadalaşdyrmak maksady bilen halkara konwensiýalara we ylalaşyklara goşuldy.

Türkmenistan 1994-nji ýylda Moskwa şäherinde kabul edilen “Ýewraziýa patent” konwensiýasyna goşuldy.

Konwensiýa laýyklykda Ýewraziýa patent ulgamy, guramasynyň düzgünleri, patent hukugynyň aýratynlyklary, Ýewraziýa patentiniň hereket ediş möhletleri, geçiş düzgünleri, jedelleri çözmegiň tertibi düzgünleşdirilýär. Şeýle hem ýurdumyz "Senagat eýeçiligini goramak boýunça" Pariž konwensiýasyna, "Patent kooperasiýasy barada" şertnama, "Haryt nyşanlarynyň halkara bellige alnyşygy barada" Madrid ylalaşygynyň teswirnamasyna, "Halkara patent klassifikasiýasy barada" Strasburg ylalaşygyna, "Senagat nusgalarynyň Halkara klassifikasiýasyny esaslandyrmak hakynda" Lokarn ylalaşygyna, "Harytlaryň we nyşanlary bellige almak üçin hyzmatlaryň Halkara bölünişigi hakynda" Nissa Ylalaşygyna, "Nyşanlaryň şekillendiriş serişdeleriniň Halkara klassifikasiýasyny döretmek hakynda" Wena ylalaşygyna, "Olimpiýa nyşanlaryny goramak hakynda" Naýrobi Şertnamasyna, 2016-njy ýylda "Edebiýat we çeper eserleri goramak barada" Bern konwensiýasyna we 2021-nji ýylda "Patent hukugy hakynda" şertnama" hem goşuldy.

Umuman, döwletimiz abraýly halkara guramalar we olaryň ýöriteleşdirilen edaralary bilen köpugurly hyzmatdaşlyga möhüm ähmiýet berýär. Bu ugurdaky milli kanunçylyk namalarynyň kämil bolmagy ugrunda uly tagallalar edilýär.

EDEBIÝAT

1. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçen umumy sapagyndaky çykyşy. // "Türkmenistan" gazeti 2023-nji ýylyň 2-nji sentýabry.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýydaky eden çykyşy. // "Türkmenistan" gazeti 2022-nji ýylyň 2-nji sentýabry
3. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça geçirilen bäsleşigiň ýeňijilerine gutlagy. // "Türkmenistan" gazeti 2022-nji ýylyň 11-nji iýuny.
4. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi. // "Türkmenistan" gazeti 2021-nji ýylyň 22-nji maýy.
5. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023ý.
6. Türkmenistanyň Raýat kodeksi. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014ý.
